# Magtymguly Pyragynyñ 300 ýyllygyna

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Magtymguly Pyragynyñ 300 ýyllygyna MAGTYMGULY PYRAGYNYÑ 300 ÝYLLYGYNA



Gutly bolsun, üç asyrlyk ýaş toýuň,
Bütin dünýäň akyldary – danasy.
Adamzat ählini haýrana goýýar,

Paýhasyñdan dörän dürler dänesi.
Bagryñ gany bilen şygyr ýazypsyñ,
Beýiklerden-beýik, sadadan-sada.
Nalyş edip, gözüñ ýaşa ezipsiñ,
Hudaýa gol serip, säher-sabada.

Halka-hemra, il derdine agladyñ,
Arzuw etdiñ, berkararlyk – döwleti,
Ýunus kibi haka gulluk bagladyñ,
Baky ýat eýlemiş, seni ummatyñ.

Nesip bolman han-beglere, şalara,
Gurup sen, kalplarda tagty-köşükleñ,
Baryp, derdiñ egisipsiñ daglara,
Olara siñipdir mährem keşipleñ.

Erenler elinden süzüpsiñ bada,
Juda pespäl, öz halkynyñ guly sen.
Her bir sözüñ dürdür kämil bolana,
Hakdan içen – beýik Magtymguly sen!

Annamuhammet ALLAGULYÝEW. Goşgular